**Obada**

- Gyzym, Nina jan, indi men saña obany görkeze ÿin. Ynha, magazine bararys. Magazinde näme satylÿar, ony görersiñ. Tüweleme, biziñ baÿ magazinimiz bar: saña iññe gerekmi ÿa oÿmak, sapakmy ÿa-da gaÿçy. Onda bedrede bar, sübse-de. Gerek bolsa, palta, çekiç, çüÿ, atagzy, pil hem bar…
- Bibi daÿza, kolhozçy gelin-gyzlar tikin tikÿärlermi?
- Hawa, gyzym, hawa. Tüweleme, ähli gyzlar, gelinler agşam işden soñ tikin tikÿärler. Özleri üçin hem, maşgalalary üçin hem geÿim-gejimleri özleri tikÿärler. Balak, köÿnek tikmekde, tüwelem, olar örän ussat.
- Siziñ kolhozyñyzda, Bibi daÿza, tikinçilik tseh ÿa brigada ÿokmy?
- Elbetde bar. İndi nämedir onuñ ady? Hä-ä, kiçi kärhana.
- Bu harytlary nireden getirÿarler?
- O-o, gyzym jan, biziñ kolhoz başlygymyz, tüweleme, ot ÿaly. Ol näme diÿÿär-ä, onuñ adyna? Hä-ä, barter çalyş… Alyş-çalyş… Biz Ukraina, Belorussiÿa ÿüñ, gawun, garpyz, pomıdor, sogan ÿaly önümleri berÿäris, olar welin bize iññe, sapak, ütük, şnur, wilka, ştepsel ÿaly durmuşda gerek harytlary berÿärler.
- Bä, beÿle bolsa, oñat alyş-çalyş…
- Hawa, hawa, gyzym, ynha magazine barsañ görersiñ. Onda pylesos, holodilnik, taz, shetka, kir ÿuwulÿan maşyn, tikin maşyny bardyr. Gyzym bu zatlar için işlemeli, onda-da örän oñat işlemeli. İşlemedik- dişlemez, diÿipdirler.
- Dogry aÿdÿarsyñyz, Bibi daÿza. İşlemedik- dişlemez, diÿilÿän türkmen nakyly örän dogry nakyl.
- Hawa, gyzym, hawa. Ɏatan öküze iÿm ÿok. El-eli ÿuwar, ikisi birigip ÿüzi hem diÿipdirler.
- Örän dogry, gyzym. Tüweleme, sen-ä asyl türkmen nakyllaryny hem bilÿän ekeniñ.